TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72(Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – A.: TDNG, 2014.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Jan Watanym – Türkmenistan! // Türkmenistan. – 2022. – 1-nji ýanwar
4. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. – A.: MGI, 2013.
5. *Magtymguly*. Şygyrlar. – A.: TDNG, 1992.



**Annagül Hekimowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*


# MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA TÜRKMEN HALKYNYŇ TERBIÝEÇILIK DÄPLERINIŇ BEÝANY

Türkmen halkynyň baý hem-de şöhratly taryhy we medeni mirasy ylmy esasda öwrenilip, ony nesillerimize ýetirmek, gorap saklamak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ösüp gelýän ýaş nesillerimizi watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ahlak we estetiki taýdan terbiýelemekde olaryň ähmiýeti örän uludyr. Şoňa görä-de, ýurdumyzda taryhy we medeni mirasy goramak, öwrenmek we ýaş nesillere ýetirmek, şeýle hem giňden wagyz etmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň taryhynyň iň çylşyrymly döwründe ýaşan, agzybirlik, garaşsyzlyk, özbaşdak döwlet gurmak ýaly beýik maksatlara öz döredijiligi bilen gulluk eden ynsanperwer şahyrdyr.

Watançy şahyr Magtymgulynyň gahrymançylyk, il-ýurt, agzybirlik, birleşmek hakyndaky şygyrlary onuň döredijiliginde iň görnükli orunlaryň birini eýeleýär. Bu temada Magtymguly «Türkmeniň», «Ýeli Gürgeniň» , «Depe nedir, düz nedir», «Öňi-ardy bilinmez», «Döker bolduk ýaşymyz», «Gidiji bolma», «Gözlär men», «Başy gerekdir», «Mert bolmaz» ýaly birnäçe goşgular döredipdir. Magtymguly hakyky watançy hökmünde türkmen ýurduna, onuň gözel tebigatyna, baýlygyna, batyr ýigitlerine guwanypdyr. Şahyr «Gidiji bolma» şygrynda:

*Gel köňlüm, men saňa nesihat kylaý,*
*Watany terk edip gidiji bolma* [3, 32 s.].

– diýip, öz döwürdeşlerine ýüzlenýär. Magtymguly Türkmenistanyň, aýratyn hem, öz önüp-esen ýeri bolan Etrek, Gürgen töwerekleriniň giň, gözel we hasylly sähralaryny, daglaryny, tebigy baýlyklaryny, goç ýigitlerini taryplaýar. Şahyryň «Türkmeniň» şygyrlarynyň şu setirleri-de oňa güwä geçýär:

*Dagda, düzde kowsa, saýýatlar diri,*
*Ala bilmez, ýolbars ogly türkmeniň* [4, 15 s.].

Ady äleme dolan ussadyň sözleri we pelsepewi pikirleri türkmen edebiýatynyň şöhratyny hem-de watançylyk ruhuny belende galdyryp, diňe milli däl, eýsem, dünýä medeniýetiniň genji-hazynasyna öwrüldi. Häzirki döwürde Magtymgulynyň goşgulary Garaşsyzlygyň, hemişelik Bitaraplygyň halk bitewüliginiň, parahatçylygyň, agzybirligiň joşgunly senasy bolup ýaňlanýar. Şahyryň ynsanperwer pikir-garaýyşlary asyrlar geçse-de, gymmatyny ýitirmeýär.

Beýik şahyryň döwründe türkmen taýpalary dagynyk ýaşapdyrlar. Halk hemişe talanypdyr, ajaýyp zatlar weýran edilipdir. Magtymguly hemişe şeýle pajygaly durmuşdan gutulmagyň aladasyny edipdir. Ol keseki duşmanlardan goranmak üçin ýigitleri mertlige, gahrymanlyga çagyrypdyr. Beýik şahyr öz halkynyň ykbaly barada ýakyndan alada edip, onuň erkinlik, özbaşdaklyk baradaky asylly arzuw-umytlaryny, isleglerini ussatlyk bilen beýan edipdir we halky agzybirlige çagyrypdyr. Magtymguly Pyragy özüniň ajaýyp şygyrlarynda türkmen halkyny birleşdirmek, halkyň agzybirligini gazanmak, Watany goramak hem söýmek, adamlaryň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, adalatlylyk üçin göreşmek, ynsany bezeýän ahlaklylyk, ynsanperwerlik, kanagatlylyk, ýaly häsiýetleri özünde jemleýän asylly häsiýetleriň türkmen halkyna mahsusdygyny çeper beýan edipdir. Gelin-gyzlaryň edepli, päkize, mylaýym bolmagyny isläpdir, ata-enäni sylamaýan, hapysa gelin-gyzlary pisläpdir. Şahyr hapysa, sölite, nalajedeýin aýallary ýazgarypdyr:

*Bardyr gözel, sirke basar saçyny,*
*Artmaz-ýuwmaz tabagynyň, daşyny,*
*Sylamaz atasyn, ene ýaşyny*
*Anyň hyzmatyndan gaçasyň geler* [4, 183 s.].

Akyldar şahyr ýamany ýazgaryp, gowy tarapdan özüni görkezip bilýän gelin-gyzlarymyzy wasp edýän ençeme goşgy ýazypdyr. Bu temadan onuň «Gözel sen», «Gülzardan aýryldym», «Uýat eýleýir», «Bu derdi», «Boýlaryňa», «Durasyň geler» ýaly ençeme goşgulary bar. Magtymguly yşky-liriki temada ýazan goşgularynda öz söýgülisi Meňli bilen baglanyşykly progressiw pikirleri öňe sürýär. Ol gelin-gyzlaryň durmuşda uly hormata, söýgä mynasyp bolmalydyklaryny nygtamak bilen, olaryň owadanlyklaryny «Gözel sen» şygrynda şeýle taryplaýar:

*Gyzyl diýsem gyzyl, al diýsem al sen,*
*Hindistanda şeker, Bulgarda bal sen* [4, 177 s.].

Akyldar şahyr Magtymguly gelin-gyzlaryň akylly, pähimli edepli bolmaklaryny isläpdir, olaryň mertebesini ýokary tutupdyr. Bu ideýa «Durasyň geler» diýen goşgusynda örän çeper berilýär:

*Gözel bardyr gözellerden zyýada,*
*Onyň gullugynda durasyň geler,*
*Edepli-ekramly, mylaýymzada,*
*Tä ölinçäň bile ýöresiň geler* [4, 183 s.].

Magtymguly «Bilen bolmasa» diýen goşgusynyň şu setirlerinde il-günüň daşyny gorap ýören goç ýigitleriň özüne mynasyp ýary bolmasa, hemişe armandadyklaryny nygtaýar:

*Är ýigidiň içi doly armandyr,*
*Gara göz, inçe bil ýary bolmasa* [4, 495 s.].

Şahyr aýal-gyzlary satmak, dakylmak we köp aýallylyk ýaly zyýanly dessurlara garşy durupdyr. Şu babatda şahyr gumanistik pikirleri öňe sürüpdir. Şahyr özüniň eserlerinde gybatkeşligi, namartlygy, galplygy, ikiýüzlüligi ýigrenip, töhmeti iň bir ýaramaz häsiýet hökmünde ýazgarýar:

*Ömrüň ýele berme, azma ýoluňdan,*
*Agyrtmagyl ili-günüň, gybatkeş* [4, 255 s.].

Magtymguly ýaman häsiýetleri ýazgarmak bilen erbetlikleri dini düşünjeleriň üsti bilen tertibe salmaga synanyşypdyr.Magtymguly ýaramaz häsiýetlere garşy göreşmek temasyny edebiýatda giň möçberde işläp we halka ýetirip bilen şahyrdyr.

*Adam bar müň tümen iýdirseň azdyr,*
*Bardyr adam – iýen nanyna degmez* [4, 60 s.].

Beýik akyldar Magtymgulynyň döredijiliginde durmuşy goşgular esasy orunlaryň birini eýeleýär. Ol çilim çekmek, nas atmak, ogurlyk, nähak gan dökmek ýaly pis häsiýetlere garşy göreş alyp barypdyr. Özüniň goşgularynda («Kyly-kal bolar», «Düýşüne degmez», «Çilimkeş», «Nas atan») olary rehimsiz ýazgarypdyr. Şol göreşde çeper dili ýarag hökmünde ulanypdyr. Şahyr «Nas atan» şygrynda nas atany ýazgaryp, ony masgaralaýar we şu kärini taşlamaga çagyrýar:

*Akar durar üsti-başyň poh eder,*
*Senden gaçar deňi-duşuň, nas atan* [4, 80 s.]*!*

Magtymguly ýaramaz häsiýetlere garşy göreşmek temasyny edebiýatda giň möçberde işläp we halka ýetirip bilipdir. Magtymguly adyllygy depeleýän adamlary diniň üsti bilen toba etmäge, amana getirmäge çalyşýar.

Akyldar şahyryň XVIII asyrdaky oý-pikirleri, pähim-paýhasy biziň şu günki gün döwletimiziň bagtyýar döwründe täze many-mazmuna eýe bolýar. Häzirki döwrüň baş maksatnamalarynyň biri-de, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan işleri, döwletiň, jemgyýetiň we şahsyýetiň özara sazlaşykly ösüşini hukuk taýdan kepillendirmegi, raýat jemgyýetini gurmagy we ruhy-ahlak taýdan kämil, ýokary aň-düşünjeli we beden taýdan sagdyn şahsyýeti kemala getirmegiň üpjün edilmeginden ybaratdyr.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. – A.: TDNG, 2008.

2. *Magtymguly* – ylham çeşmesi. – A.: TDNG, 2014.
3. Sözüm saňa, Pyragy. – A.: TDNG, 2014.
4. *Magtymguly*. Saýlanan eserler ýygyndysy. – A.: TDNG, 2014.
5. *Magtymguly*. Şygyrlar. – A., 1992.
6. *Mustakow R*. Magtymguly we Gündogar edebiýaty. – A.: TDNG, 2014.

**Güljemal Aşyrowa**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy*

# MAGTYMGULY – ŞYGRYÝET ÄLEMINIŇ PARLAK ÝYLDYZY

Türkmen halkynyň baý edebi mirasynyň gymmatly göwher täji, baky şamçyragy bolan söz ussady, türkmen edebiýatynyň düýbüni tutujy Magtymguly Pyragy özüniň gaýtalanmaýan çeper döredijiligi bilen dünýä edebiýatyna uly goşant goşan hem-de türkmen edebiýatyny şöhratlandyran şahsyýetdir. Gahryman Arkadagymyz bu akyldar şahyr hakda söz açyp, şeýle diýýär: «Halkymyz özüniň beýik ogly Magtymgula çäksiz hormat goýýar. Pyragynyň şahyrana dünýäsi müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesine, milletiň kalbynyň owazyna, türkmen ruhunyň synmajak sütünine öwrüldi» diýip, onuň şahyrana edebi mirasynda Watana, ynsana, tebigata, adamzat durmuşyna bolan belent söýgüsiniň halkyň kalbynda baky ýaşaýandygyny açyp görkezýär [1, 133 s.].

Milli Liderimiziň: «Şahyryň ynsan mertebesi, watansöýüjilik, parahatçylyk, hoşniýetlilik ýaly gymmatly pikirleri täze türkmen jemgyýeti, şu günki we geljekki nesillerimiz üçin ruhy ýörelgedir» diýip, belleýşi ýaly, Magtymguly Pyragynyň döredijiligini ylmy esasda öwrenmek we ýaş nesillere öwretmek asylly ýörelgeleriň biridir. Çünki şahyryň döredijiligi öwüt-ündew bilen baglanyşyklydyr, milli terbiýäniň belent nusgasydyr. Esasan hem, ýaş nesillere terbiýe berlende şahyryň goşgulary mysal getirilýär, onuň ähmiýeti düşündirilýär. Öwüt-ündew häsiýetli goşgularyň üsti bilen milli terbiýe mekdebi kemala gelýär. Şonuň üçin hem ýaşlaryň kämil şahsyýet bolup ýetişmeklerinde nusgawy edebiýatyň uly ornunyň bardygy edebiýatçy alymlar tarapyndan bellenilýär [2, 22 s.].

Ýaşlaryň kämil şahsyýet bolup ýetişmeklerinde ylym-bilimiň örän uly orny bar. Çünki bilimli ynsan kämil şahsyýetdir, watansöýüji adamdyr. Şeýle watansöýüji ynsany terbiýelemekde bolsa çeper edebiýatyň, kitabyň orny uludyr. Şonuň üçin hem Magtymguly Pyragynyň goşgularyny ýaşlara okatmak we düşünmeklerini gazanmak ähmiýetlidir. Esasan hem, şahyryň Watan hakyndaky goşgulary ýaşlaryň ünsüni özüne çekýär. Akyldar şahyr şygyrlarynyň üsti bilen Watana bolan söýgini, baý geçmişimizi, däp-dessurlarymyzy, görüm-göreldäni, ahlaklylygy,